# Kasas / powestiñ dowamy

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025

Kasas / powestiñ dowamy Naçalnik jenaýat işiniň depderini sünnäläp okap durmady. Käbir sahypalaryny el ugruna waraklady-da, onuň iň soňuna işiň tamamlanandygy hem-de suda geçirilýändigi hakda bellik edip, gol goýdy, soň ony maňa uzatdy:

—Berekella, Öwezow, berekella! Işläber şeýt-de. Uzaga gidersiň…

Garaz, Alyýewiň adyna açylan jenaýat işiniň depderi-de, Alyýewiň ýerine tutulan ýigit-de suduň garamagyna geçdi. Men bu aladalardan halas boldum. Şol günden soň üç aýa golaý wagt geçipdi. Bir gün maňa jenaýarkär Alyýewiň ýanyna baryp gaýtmalydygym hakdaky habary ýetirdiler. Men onuň saklanýan kamerasyny gözläp tapdym. Onuň işini ilki alyp baran sülçüligim meniň ýigidiň ýanyna arkaýyn barmagymy kepillendirýärdi.

Kamerada ýigidiň bir özi juda keýpsiz halda otyrdy.

—Sen juda haramzada adam ekeniň—diýip, ýigit meniň ýüzüme seretmän, aşak bakyp, çommalyp oturyşyna maňa ýüzlendi.—Meniň dişlerime hem-de köwşümiň razmerine degişli setirleri-de düzeden ekeniň… Iň soňky okaman gol çeken sahypalarym şol bolsa nätjek… Aladaly bolamsoň, täzeden okamak kelläme-de gelmändir. Jenaýat işiniň depderiniň sahypalaryny täzeläp bolýandygy hakda men pikirem etmändirin… Şeýtmegiň özem jenaýat ahyry!—Ýigit sözüne dyngy berip, uludan dem aldy.—Sen maksadyňa ýetdiň, agam… Özüňem juda hapa adam ekeniň. Meniň hiç bir günäsiz adamdygymy görüp durkaňam, meni arkaýyn ölüme ugradyp bilýäň. Munuň üçin seniň ýüregiňem üýtgänok… Düýn sud tamamlandy. Maňa iň ýokary jezany berdiler… meniň bolsa yzymda söýüp alan peri ýaly gelnim galdy. Heniz birem ýaşamadyk oglum galdy… Ölüm hemmäniňem başynda bar zat. Ýöne her kim çagasynyň adam bolanyny görüp gitmek isleýä-dä. Aklawjylar Alyýew diýen jenaýatkäri goramak islemänsoňlar, men kime ýüz tutjagymy-da

bilemok. Maňa öýe hat ýazmaga-da rugsat bermeýärler. Sen etjegiňi etdiň, maksadyňa ýetdiň, agam. Işi öz haýryňa düzetdiň. Ýöne senden iň soňky haýyşym, pasportymdaky adres boýunça meniň öýüme baryp gaýt. Urşa giden esgeriň yzyny saklap, ondan galan ýalňyz ogla garaşyp oturan ejeme, gelnime hakykaty aýdyp gaýt. Olar men özlerini taşlap gidendir öýtmesinler. Belkem, meniň ugruma çykyp, meni halas edip ýetişerler… Hem olara goş-golamymy, pasportymy gowşur!.. Seniň bolsa öz eden işiň öz başyňdan iner, agam. Türkmenler “Kasas kyýamata galmaz” diýýändirler. Entek sen milisiýada kän işlärsiň. Taňrynyň öňündäki hasabatdan gorkmasaň, mundan beterräk işlerem ediber, agam!

Men onuň sözleriniň ählisini sesimi çykarman diňledim. Onuň ýanyndan sesimi çykarmanam gaýtdym. Ýigidiň diýýän sözleri onuň akyllylygyndan habar berýärdi. Ýöne şeýle-de bolsa, şol pursatda ol sözler meniň gaharymy getirdi. Onuň öz hossarlary hakda: “Belki, meniň ugruma çykyp, meni halas edip ýetişerler” diýýän sözleri bolsa meni gorkuzdy. Hem meni mazaly oýlandyrdy. Maňa onuň halas edileni gerek däldi. Ol halas edilse, oňa berlen jezanyň özüme gönükdiriljegine men düşünýärdim. Bu zatlar hakda pikir edenimde, ýigidiň öýüne gitmeg-ä däl, men ol hakda pikir etmäge-de gorkýardym. Misli beýnimden çokmaga bir topar ary çozan ýaly, ellerimi kellämiň daşynda zol kelemenledýärdim.

Şol günler gorkudan akylym üýtgän ýaly bolup gezdim. Duýdansyz ýerden kimdir biri çykagada, meniň eden telek işimi ýüzüme basaýjak ýaly bolýardy. Hamala, ol menden etmişimiň hasabatyny soramaga çagyrýan ýalydy.

Alyýewiň ýerine tutulan ýigidiň pasportyny öýe äkitdim. Birbada ony zyňmadym. Jaýyň üçeginde duran köne kitaplaryň arasyna atdym.

Gün geçdigisaýy, ýürekdäki gorkym kiparlady. Birneme özüme gelip başladym. Alyýewiň jenaýat işini şowly tamamlanym üçin naçalnigim meni sylaga ýazyp berdi hem-de çinimi ulaltdy. Özem şondan soň maňa, nämüçindir, aýratyn hormat goýup başlady. Meni birsyhly goldaýardy. “Şeýle çylşyrymly işden baş alyp çykanym üçin edýändir” diýip, men pikir etdim.

Bir günem naçalnigimiz meni ýanyna çagyryp:
–Paýtagtda işläsiň gelýämi, Öwezow? Seni Aşgabada işe geçirjek. Sen gaty ökde işgär–diýdi.
Men dessine razy boldum. Ýokarrak çekilenini kim islemeýär?! Onsoňam, etrapdan gitsem, Alyýew sebäpli ýürekde galan az-kem aladalar hem ýatdan çykyşjakdy.
Şeýdip, men paýtagta işe geçdim. Kakam köne öýümizde galdy. Men maşgalamy alyp göçüp gaýtdym. Täzeje jaý berdiler. Täze tabşyryk berdiler. Iş-alada bilen gün-aýlar yzly-yzyna kerwen guraýardy. Ýyllar geçdigisaýy meniň çinim-de ulalýardy. Işim-de. Çagalar-da. Oglum Gaýgysyz jan orta mekdebi tamamlady. Ýigit çykdy. Özem şeýle bir syratly ýigit bolup ýetişdi welin, bakyp-bakyp doýamokdym. Indi oňa bilim almak gerekdi. Men onuň bäri-bärde okamagyny islämokdym. Moskwa iberdim. Özünem hukuk ugrundan. Özüm äkidip ýerleşdirip gaýtdym. Umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşap kösenmesin diýip, bir garryja daýzanyň öýünden kireýine ýaşar ýaly otag alyp berdim.
Oglum gowy okady. Ol her kursy otliçno bahalar bilen tamamlaýardy. Özem okalmaly möhleti ýygrypjyk barýardy. Onuň ýokary bilimli ýurist bolmagyna ýekeje ýyl galypdy… Ine, şonda bizi Hudaý tutdy…
Güýzüň başlarynda Moskwa şäheriniň içeri işler uprawleniýesinden öýe telegramma geldi. Telegrammada: “Ogluňyz adam öldürdi. Ol jenaýat agtaryş bölüminde saklanýar” diýlip ýazylandy.
Aýalym telegrammany okap, çaşyp ýykyldy. Ony şol pursat “Tiz kömegi” çagyryp, keselhana äkitmeli boldy. Sebäbi ol özüne gelse-de, gaýdyp galmaga ýaramady. Bütin synasy ysmady. Gyzlarym misli öli ugradylan ýaly aglaşýardylar. Özüm öýüň içinde ters aýlandym. Işgärlerimiň biriniň öýüne jaň edip, ýagdaýy habar berdim-de, elime ilen eşiklerimi egnime sokup, aeroporta ylgadym. Telegrammany görkezip, Moskwa bilet aldym.
Meniň uçmaly samolýotymyň ugramagyna sanlyja sagat baram bolsa, hut bütin ömrüme garaşýan ýalydym. Ýüregim dilnip, duz sepilýän ýalydy. Äl, bi, ogul diýlen zadyň süýjüdigini diýseňiz-läň. Bi, perzent diýen zadyň ezizdigini diýseňiz-läň. Perzendiň başyna iş düşende gynanyşy ýaly, megerem, ynsan hiç

bir zada gynanmaýan bolsa gerek. Pikir edip otyryn. Ýüregim bolsa iki bölek bolup barýar. Ýadyma jenaýatkär Alyýewiň ýerine tutup goýberen ýigidim düşýär. Onuň: "Seniň eden işiň öz başyňdan iner, agam!" diýýän sözleri hut ýaňyja aýdylan ýaly bolup, gulaklarymda ýaňlanýar. "Ýok, Alla jan, ýok. Onuň gününi meniň oglumyň başyna bir salma!" diýip, ömrüme kän bir gudraty güýçlini ýatlamagy halamadyk bolsam-da, şol pursat Allatagalanyň öňünde dyza çökdüm. Gözlerimi ýaşlap, iki elimi ýokaryk galdyrdym: "Ýalňyz oglumy halas et, Alla jan! Sen meniň bilen deň bolma! Saňa geçirimli diýýäler-ä, Alla jan!".
Kimdir biri egnimden tutdy. Aýňalyp seretsem, gapdalymda oturan ýaş ýigit. Ol maňa:
–Agam, oturgyja geçiň, eşigiňizi hapalaýaňyz–diýýär.
Özümi bilmän, uly iliň göz öňünde oturan oturgyjymdan ýere düşüp, dyza çökäýen bolsam nätjek!
Hemmeler maňa seredýär. Gözlerimiň ýaşyny süpürip, ýerime geçdim.
–Başyňyza bir uly gaýgy düşüpdir öýdýän, agam. Her zadam bolsa, mert boluň–diýip, ýaş ýigit maňa göwünlik berdi.–"Adam başy daşdan gaty" diýýändirler. Başyňa ne iş düşse-de, çekmeseň, başga alaç ýok. Öz başyňa düşen işem diňe özüň çekmelisiň, başga hiç kim çekip bilmez ony… Mert bol şoň üçin…
Biziň gitmeli samolýotymyza münmäge çagyrýarlar. Men saňsar ýaly bolup barýaryn. Beýnime dolan pikirlerden ýaňa nädip ötelgelerden ötenim, nädip samolýotamünenim ýadyma düşenok. Diňe: "Ýaşuly eýläk geç, ýaşuly, beýläk geç" diýen sözler boýunça hereket edýärin. Göz öňümde diňe oglum. Hem bigünä basyp, ölüme ugradan ýigidim Muhammet Meretliýew janlanýar. "Oglum, oglum. Men barýan, alada etme. Men seni boşadaryn" diýip samraýaryn. Birdenem Muhammet Meretliýewiň göz öňümde ör boýuna galýan suduryna ýalbarýaryn: "…Degme meniň ogluma, ýigit, degme!". Ýigidiň keşbi maňa bakyp ýylgyrýar hem-de meniň gözlerimden sumat bolýar. Aýňalyp,, özümi birneme tutan halatym töweregime nazar aýlaýaryn. Gapdalymda oturanlar maňa üşerilişip seredýärler. Özbaşyna samrap barýan adamyň ýanynda oturyp, nädip üşerilmejek!
Samolýotdan düşüp, taksä özümi atdym. Şäheriň içeri işler

uprawleniýesine bardym. Hemmämiz kärdeş bolanymyzsoň, Moskwa milisiýasynyň oglanlary meni diýseň gowy garşyladylar. Olar hatda maňa başymyza düşen iş sebäpli duýgudaşlyk hem bildirdiler. Oglumyň halas bolmagy üçin kömek etjekdiklerini aýtdylar. Olaryň hoşamaý sözleri meniň birneme özümi tutmagyma, ýüregimiň düşmegine teselli berdi.
Oglum bilen duşurdylar. Onuň gözleriniň daşy göm-gökdi. Ýüzi ýellenipdi. Bu zatlary görüp, ýene ýüregim dilim-dilim boldy. Men oglumdan öňaglap başladym. Kellämi demir gözenege urup-urup agladym:
—Oglum! Seni urupdyrlar! Seni uranlaryň eli şel açsyn, oglum! Seni kakaň eden günäsi tutdy, oglum! Seniň doglan günüň men ölüp giden bolsam bolmaýamy? Sen kakasyz ulalan bolsaň bolmaýamy?
Oglum menden mert geldi. Mertlik oňa ejesinden geçen bolaýmasa, menden-ä geçerli däldi. Ol:
—Kaka, bolşuň nähili seniň! Özüňi tutsana! Ullakan adam bolup aglap durmaga utanaňokmy?! Ölümden başga zada çäre tapylar-ow!—diýdi.
Ýene ýadyma Muhammet Meretliýew düşdi. Men sözümi ýene aglap dowam etdim:
—Biziň başymyza düşen iş çäresizi bolaýmasa, oglum. Alyýewiň ýerine özüm giden bolsam bolmaýarmy! Özüm ölüp giden bolsam bolmaýarmy?! Sen-ä arkaýyn ýaşardyň!
—Kaka, Alyýew diýýäniň kim?
—Şol Alyýew gursun!—diýip, men hüňürdedim.
—Kaka, beýdip aglap durma-da, maňa kömek etjek bolsana—diýip, oglum meni aýňaldyrdy.—Men hiç kimi öldüremok. Duralgada durkam, iki sany oglan uruşdy. Men olary aralajak boldum. Biriniň elinde pyçak bar eken. Ýetişmedim. Ol garşydaşynyň içine pyçak sokdy-da, gaçdy. Men maşyn tutup, ýaralanan oglany keselhana getirdim. Indem ol wakany menden görýärler… Jenaýaty boýnuma goýjak bolup, meni aldygyna urýarlar…
Oglumy günäsiz halyna saklaýandyklaryny eşidemsoň-a, meniň gaharym dälilikk hetdine ýetdi:
—Günäsiz adamy saklamaga olaryň näme haky barmyş?! Men olaryň gözüne görkezerin!

“Gykylygyňy aňyrrakda et!’ diýdi-de,, kamera sakçysy meni daşaryk çykaryp goýberdi. Men uprawleniýe naçalniginiň ýanyna girdim. Oňa oglumyň nähak saklanýandygyny aýtdym. Naçalnik oglumyň işini alyp barýan sülçini çagyryp, meniň bilen düşünişmegi tabşyrdy.
Sülçi Nikolaýew meni öz kabinetine alyp bardy. Ol oglumyň diýýän sözlerini tassyklady:
–Siz biziň kärdeşimiz. Şonuň üçin biziň işimiziň nähili alnyp barylýanyny size düşündirmegiň hajaty ýok. Ony mençe sizem bilýäňiz–diýdi.–Adam ölen halatynda kimdir biri onuň ölümi üçin jogap bermel-ä.
–Jogaby kim öldüren bolsa, şol bermeli bolar!–diýip, men stol ýumruklap ýerimden turdum.–Näme üçin bigünä adam kimdir bir haramzada üçin jogap bermeli?
Geplän halatym gözlemi ýumsam-da, açsam-da, meniň göz öňümden, nämüçindir, Alyýewiň ýerine giden Muhammet Meretliýewiň keşbi aýrylmaýardy.
–Siz dogry aýdýarsyňyz–diýip, sülçi Nikolaýew meniň bilen ylalaşdy.–Haramzadanyň ýerine bigünä kişi gitmeli däl. Ýöne, ine, alyň, okap görüň, jenaýat iş depderindäki ýazgylar boýunça häzir siziň ogluňyz jenaýatkär bolup dur. Tapylan pyçakda onuň eliniň yzy bar. Ol wakany gürrüň berýän ýalňyz adam. Keselhana-da jebir çekeni öz eden işinden gorkup getiren ýaly.
–Eger ol jenaýat eden bolsa, gaçardy ahyry!–diýip, men daljygyp, oglumy goramaga çalyşdym.
–Her hili jenaýatkär bar-da–diýip, Nikolaýew düşündirýär.–Gaçýanam bar. Özüni arassa edip görkezmek üçin jebir çekene kömege ylgaýanam…
–Iň gowusy, şeýle işleriň ýanynda görünme diýsene!–diýip, men maňlaýyma urup, uludan dem aldym.–Onuň ýanyna bir ýanaşsaň, soň sypyp boljakmy! “Gazana ýanaşsaň, garasy ýokar!” diýleni-dä!
Men jenaýat işiniň depderini alyp, oglumyň görkezmelerini okap görýärin. “pyçagy men jebir çekeniň teninden sogrup alan halatym ellemeli boldum” diýlip ýazylan ýazgylary okap, ýene maňlaýyma urýaryn. “Wah, ony nämä elleýäň diýsene! Aslynda,

kömege ylgamak nämä gerekdi diýsene! Senem il ýaly seredip duruberseň bolmaýamy!”. Ýene öz-özüme içimden jogap gaýtarýaryn: “Eden günäň üstünden barmak üçin bir zat sebäp bolmaly ahyry!”.
–Boljak iş bolupdyr, bizi Hudaý tutdy, kärdeş–diýip, men sülçi Nikolaýewe ýüzlendim.–Meň oglumy basanyň ýa atanyň bilen ölen gaýdyp gelmez. Sen bize kömek et. Özüňem kärdeş ahyry!
–Jenaýatkär hökmünde seniň ogluň tutuldy. Onuň adyna jenaýat işi gozgaldy. Habar eýýäm ähli ýere ýaýrady. Bu jenaýat hem hökümete hasabat berlen jenaýatlaryň içine goşuldy. Jebir çekeni öldüreni üçin aýyplamaga ikiji figura barada jinnek ýaly-dafakt ýok. Üstesine-de, jebir çekeniň ene-atasy-da dyzaşyp dur. Bu ýagdaýda men seniň ogluňy nädip goýbereýin?!–diýip, sülçi Nikolaýew maňa ýüzlendi.–Onuň ýerine özüm gideýinmi gözenege?
–Onda onuň ýerine meni goý! Men näme jeza-da bolsa, çekeýin!–diýip, me ýene sülçä ýalbardym.
–Siziň bolşuňyz milisiýada işlän adama meňzemeýärdiýip, sülçi Nikolaýew gaharlandy.–Eýsem-de bolsa, jenaýatkäriň ýerine hossarynyň gideni hakda sen, heý, milisiýanyň taryhynda okap görüpmidiň?!
Men bialaç turmaly boldum. Gapa ýetiberenimde, sülçi Nikolaýew maňa nesihat berdi:
–Jebir çekeniň ene-atasyny köşeşdirjek boluň. Olar suddan siziň ogluňyz üçin ölüm jezasyny soramasa-da, siziň üçin uly döwletdir… Men size olaryň adresini bereýin. Ogluňyza ýyl kesilse, kesilsin. Ony boýun alyň. Ölüm jezasy berilmese bor. Ölmese, ahyr dolanyp geler! Şuňa kaýyl bolmasaň, dagy alaç barmy! Durmuşyň ýalňyşlyklary yzyndan ýeterden kän ahyry!
Ölüm jezasy ýatladylanda, ýene ýöreýän ugrumu ýitirdim. Dogrudanam, indi oglumy gazamatdan-a halas edip boljak däldi. Onuň ölmän galanyny gazanmak gerekdi.
Jebir çeken ermeni ýigidi eken. Onuň ene-atasy-de Ermenistanyň çetki etraplarynyň birinde ýaşaýan eken. Şol ýerden göni Ermenistana bilet aldym. Ýerewanyň içeri işler uprawleniýesine baryp, tanyş oglanlary tapdym. Olar hem meniň başyma düşen işe gynandylar. Jebir çekeniň ene-atasyny gözleşmek üçin bile

gitdiler.
Jebir çeken ýigit hem biriniň ýeke ogly eken. Uly söwda işgäriniň ogly. Hossarlar biziň gepimizi diňlemegem islemediler. Diýenimize ynanmadylar. Jebir çekeniň kakasy eline nili kesilen aw tüpeňini alyp, “Seni öldüreýin” diýip, meniň üstüme telim dyzady. “Seniň ogluň günäkär bolmasa, hany onda beýleki ganhor?” diýip bögürdi.
–Indi etjegiňizi edip, günäňizi boýun almak isläňzokmy? Seň ogluňa atuwy hökümet bermese, özüm janyny alaryn onuň! Özüm! Ine, şu tüpeňim bilen!–Şeý diýip, ol nili kesilen tüpeňini meniň gözlerime sokaýjak boldy. Sözleriniň soňuny aga ýazdyrdy.–Meniň Aşot janym ýaşanokmy bu ýeriň ýüzünde… goý, seňkem ýaşamasyn!..
Onuň agysyna aýaly hem goşuldy. Ata jebir çekýärdi. Men onuň ýagdaýyna düşünip durdum…
–Muňa gep düşündirip bolmaňa, gaýdaly!–diýip, meniň bilen baran oglanlar maňa ýüzlendiler.
Biz bialaç bolup gaýtdyk. Indi işiň suda geçerine garaşyp, sudýa bilen gepleşmelidi. Iş suda geçýänçä, Moskwada oturmadanam haýyr ýokdy. “Öýe baryp, tanyş-bilişleri göreýin” diýen netijä geldim. Şu pikir bilen öýe geldim. Gyzlarymyň ikisi öýde, biri keselhanada, ejesiniň ýanynda eken. Öýe girsemem girdim welin, ne ýatyp dynç alyp bildim, ne çaý-naharyň lezzetini duýdum. Owurtlan çaýym-da, agzyma salan çöregim-de bokurdagymdan geçmedi. Öý meni gysyp-gowrup öldürip barýardy. Öýdäki her bir zat oglumy ýatladýardy. Beýdip uzak oturyp bilmedim. Aýalymdan habar tutmak üçin keselhana ugradym. Aýalym juda gözgyny bolup ýatyrdy. Onuň hiç bir ýeri ysmaýardy. Ol diňe maňa bakyp, gözýaş dökýärdi. Gözleri şeýle bir delmuryp bakýardy welin, dil açaýjak bolýardy. Men ol nazarlara düşünip durdum. Enäniň gözleri ogluny soraýardy. Ol gözlerde ene ýüreginiň haty bardy. Ene ýüreginiň sezasy bardy. Ogly hakda soragy bardy.
Men oňa näme jogap berjekdim?! Hakykaty aýtsam, ol gözler mydamalyk ýumuljak. Ýöne olaryň iň soňky gezegem bolsa, iner ogly synlap galmak isleýänini men okap durun ahyry. Ogly görmän, ol gözler ýumulmaga het edip biljek däl-dä!

Men: “Ýalan sözlemeli!” diýen netijä geldim. Hiç hili syr bildirmezlige çalşyp, aýalyma ýüzlendim. Hatda geplän çagym ýylgyrdym hem:
–Bossan, telegramma bize ýalňyş berlipdir. Gaýgysyz jan okap ýör. Tutulan başga oglan eken…
Eý, Hudaý! Şü, ene ýüregi diýlen ýürek nähili zatka? Ol nähili gudrat bilen dünýä geldikä? Özümi hernäçe rahat tutdum diýsem-de, ýylgyran bolsam-da, aýalym meniň gepime ynanmady. Ol kellesini zordan eýläk-beýläk yrap, özüniň gepime ynanmaýandygyny duýdurdy. Gözlerinden ýene paýrap ýaş döküldi. Hem ol gözler maňa ýene delmuryp bakdylar. Hiç hili söz bolmasa-da, ol gözlere düşünip oturmalydy. Olar maňa: “Diýýän zatlaň ýalan. Eger gepiň çyn bolsa, hany oglum?” diýýärdi. “Ýüzüňdäki ýylgyrma ýasama. Seniň derdiň dagdan agyr” diýýärdi.
–Ynanmasaň, men basym okuwyndan rugsat alyp, Gaýgysyz jany getiräýerin–diýip, men ýene aýalyma ýüzlendim.
Aýalym ýene ynanmady. Başyny ýaýkap, gözýaş dökdi.
Mende bu ýerde mundan artyk durmaga takat galmady. Işi bahanalap, daşaryk ýöneldim. Gyzym meniň bilen bile çykdy. Ol hem daşaryk çykansoň, aglap başlady:
–Seniň ýalan sözleýäniňi ýüz-gözüň aýdyp dur-a, kaka jan–diýip, gyzym agysynyň arasynda samrady.–Ýüzüňe öliniň reňki urupdyr seniň. Jigimiň ýagdaýy şeýle erbetmi?! Ejeme aýtmasaňam, maňa bir aýt. Alladan medet sorap oturaýyn. Çäresini gözläp oturaýyn!
Gyzyma-da belli bir zat aýtmadym.
–Ejeňe gowy seret, ähli zadyň çäresi bor–diýdim-de, yzyma garaman gaýtdym.
Işe bardym. Işdeş ýoldaşlarym daşyma üýşdüler. Hemmeler maňa hemaýat etmäge taýýardy. Her kim ýol salgy berýärdi. Tanşyna jaň edip, kömek sorajakdygyny aýdýardy.
Iň ulymyz çagyrdy. Ýagdaýlary anyklap, Moskwa jaň etdi.
–Seniňki deý işde işleýärkäň, bir ogly jezadan alyp galsa-ha bordy welin, jebir çeken tarap hem teý gowşanok diýýä–diýip, Moskwa bilen gepleşensoň, ulymyz eginlerinden dem alyp, maňa ýüzlendi.–Sen köp zady anyklaman gaýdypsyň. Jebir çekeniň

kakasynyň dogany-da hukuk goraýjymyş. Olar rehim edip sypdyraýmasalar, kanuna tutsalar, ogluňy sypdyrmaýarlar.
—Men indi näme etsemkäm?—diýip, özbaşyma samradym.
—SSSR Ýokary Sowetine, Prezidiumyna, hökümetiň günä geçiş komissiýasyna hat ýazalyň. Gerek bolsa, bütin kollektiw bolup ýazarys. “Kömek ediň, Günäsiz oglan gidip barýa” diýeris—diýdi-de, ulymyz meniň göwnümi götermegi dowam etdi.—Sen hiç zady alada etme. Entek sud geçibersin. Biz bolsak, üýşüp tanyş gözläli. Ölüm jezasy berilmese bor. Galany düzeler. Özüňem işe-de gelme-de, ylgaber. Ogluňy halas etseň bor. Aýlygyň ýörär durar.
Ýüz tutulmadyk adamlar galmady. Hemmeler kömek etmäge razydy. Ýöne hiç kim görnüp duran kömegem edip bilenokdy. Moskwa bilen aralygy torç edip ýörşüme, günleriň nädip geçýänini duýamokdym. Ukymyň tutan ýerinde irkilýärdim. Açlykdan surnugyp ýykylyberemde, sumkama atan gaty çöregimden agzyma bir dişlem oklaýardym. Güni bilen içeri işler uprawleniýesiniň gapysyny saklaýardym.
Oglumyň işi suda geçenden, suduň başlygynyň ýanyna girdim. Ýagdaýy düşündirdim. Özümiň ömrümboýy milisiýada işläp gelýändigimi aýdyp, ondan hemaýat soradym. Suduň başlygy meniň halamaýan adamlarymyň hilinden eken.
—Näme, milisiýada işleýänleriň maşgalasy üçin üýtgeşik kanun barmy?!—diýip, ol başdan meniň ýüregime pyçak urdy.—Kanun hemmeler üçin deňlik. Hemmeler onuň öňünde deň jogapkär!
—Düşünýän!—diýip, men ol dikdüşdi adam bilen gidişmegiň gowy netije bermejegine göz ýetirip, mylakatly geplemäge çalyşdym.—Meniň oglum günäkär däl. Ol diňe şaýat!
—Ol zatlary sud çözer!—diýip, suduň doňýürek başlygy maňa buz ýaly jogaby berdi.—Sowet sudy adalatlydyr!
Özüme hemaýat edilmejekdigini bilip, bialaç gaharymy gaýnadyp başladym.
—Sowet suduna-da belet, milisiýasyna-da!—diýip gygyrdym.
—Näme, sowet sudy bilen milisiýasyna göwnüňiz ýetenokmy? Siz näme diýjek bolýaňyz?—diýip, suduň başlygy köpmanyly bakýan göreçlerini meniň içimden geçiräýjek bolup seretdi.—Ýa özüňiz arassa işlemeýämidiňiz?!

Mundan ýigrimi ýyl öň bolan waka ýadyma düşüp, ýüregim jigläp gitdi. “Köpräk dursam, bi maňa ol wakany-da aýtdyrar” diýip, gorky bilen oýlandym-da, çykmak bilen boldum. Soň oglumyň işi berlen sudýanyň ýanyna bardym. Sudýa daş keşbinden mylakatly görünse-de, maňa başlygynyň beren jogabyny berdi:
–Ähli zady sud çözer. Ähli zat kanunyň talap edişiçe çözler.
Kanunyň talap edişi ýaly hem çözdüler. Ogluma iň ýokary jeza bellendi. Aýagy oda bişen towuk ýaly bir ýerde durup bilemokdym. Aglap-aglap gözýaşlarym gurady. Kellämi myhmanhananyň diwarlaryna ura-ura, seňse boldum. Maslahat sorara-da, kömek sorara-da adam gutarypdy. Ýene ýekeje zat göwnüme teselli berýärdi. Entek mende SSSR Ýokary suduna çenli ýüz tutmaga mümkinçilik bardy. Onsoň Ýokary suduň prezidiumyna, hökümete ýüz tutup bilýärdim. “Belki, şolar hemaýat eder” diýen umyt maňa ädimlerimi ätmäge, aýak üstünde durmaga gurbat berýärdi. Hem maslahat soramaga ýekeje adam bardy–garry kakam! Diňe şol ähli zatdan bihabar köne öýümizde otyrdy. Onuň ýanyna şu çaka çenli näme üçin gitmänimem bilemok. “Aý, garry adamdyr-da. Onuň nämä kömegi ýetsin!” diýendirin-dä. Bilemok. Şu wagt hiç zat ýadyma düşenok.
Seňselän ýaly bolup, kakamyň ýanyna bardym. Näçe ýaşyňda bolsaňam, başyňa iş düşende, kakaň ýanynda çagajyga döner ekeniň. Gapydan girenimden, garry kakamyň öňünde dyza çöküp, ulilim bilen möňňürdim:
–Inerim ýarpy ýolda çökendir, kaka! Öýüm başyma ýykylandy-yr!..
Kakam meniň agyma gaharlandy:
–Tur-aýt, äteňenälet! Beýdip maňlaýy ýere urup, çynar dogan bilen iner ogluň ölüsi ugradylanda aglaýandyr türkmen! Nä päliňi ýamana dikdiň sen?!
Men ýene çaga ýaly möňňürdim:
–Iner ogluň ölüsi ugradylmasa-da, ugradyljak bolnup dur, kakam! Men ol aýralyga nädip çydarkam?! Men bu dünýede ogulsyz neneň edip ýaşarkam?!
–Näme, Gaýgysyz jan ýaranokmy?–diýip, kakam sesini endiretdi.
–Ol okaýan ýerinde tutulyp ýatyr, kaka! Sud edildi! Sud oňa ölüm jezasyny berdi!–diýip, öňkimden-de beter agladym.

–Äteňenälet! Şu çaka çenli näme üçin gelmediň?!–diýip, kakam meniň üstüme düwledi.–Meniň moskwaly bir dostum bar, söweş dostum.
Ol Kiçi Ýerde bolan söweşde hut Berkiýewiň özi bilen bir polkda söweşen eken.
Kakamyň bu sözleri meniň üçin: “Ogluň boşaýa!” diýen habar bolup ýaňlandy. “Neneň boşamasyn! Hökman boşar!” diýen sözler beýnimde at saldy. “Ýurduň birinji adamsyndan buýruk bolansoň, kimmiş ony boşatmajak!”.
Kakamyň boýnundan gujaklap, täzeden aglap başladym:
–Wah, kakam jan, men nä bileýin sende beýle güýç baryny, ýol baryny! Aňkam aşansoň, nirä ýöreýänimem bilmesem näme!
Kakam maňa dostunyň adresini ýazyp berdi. Men ýene howlukdym. Birdenem kürtdürip, kakama delmuryp bakdym:
–Hemaýaty degermikä, kaka?!
Kakam:
–Hemaýat Alladan gelmeli bor, oglum–diýdi.–Alla ýalkajak bolsa, saňa hemaýat etmeli adamy özi gönderer ýoluňa. Gargajak bolsa-da, kast etjegi…
Nämüçindir, kakamyň sözlerine ýüregim jigläp gitdi. Üstümden sowuk suw guýlan ýaly, endam-janym buz ýaly boldy. Kakam birden sen-men ýok, ýakamdan ebşitläp tutdy:
–Näme diýsene, äteňenälet, dogryňy aýt, şu ömrüňde günä iş etdiňmi?!
Men nädip kakama hakykaty aýdaýyn!
–Ýok, kaka jan, ýok!–diýip, ondan sypjak bolup dyzadym.
Kakam gözlerimiň içine seretdi:
–Sen günä iş edene meňzeýäň, äteňenälet! Ýogsa bigünä ogluň gazamada düşmezdi!
–Meň günämiň ogluma näme dahyly bar, kaka?!–diýip, ýene ondan sypjak bolup dyzadym.
Kakam meniň ýakamy goýberip, yzyna dolandy. Iki elini arkasynda gowşuryp, bükülip barşyna samrady:
–Atalaryň eden bet etmişi mydama perzentleriň başyndan inýändir jebir bolup. Eger sen Allatagalanyň öňünde ýazyksyz bolsaň, ogluň çykar ýagtylyga. Alada etme. Eger günäkär bolsaň, ýanyňa bäş gary biz alyp git!Bu sözlerden soň ýüregim

şuwlap, peýkam oky gelip çümen ýaly boldy. Aýak üstünde durmaga ragbatym bolmady. Özümi dürsemek üçin labyrymy ýere goýberdim.
Kakam hüňürdäp, öýe girip gitdi:
–Äteňenälet diýsä! Diýseň-diýmeseň, Taňrynyň öňünde ýazykly bolaýmasaň sen!
Men aeroporta ok bolup atyldym. Moskwa gelip, adres boýunça kakamyň frontçy dostuny gözläp tapdym. Dmitriý Iwanowiç frontçy türkmen dostunyň ogluny nirede oturtjagyny bilmedi. Kakamyň diriligine begenmek begendi. Maňa: “Hut kakaňa meňzäp dursuň” diýdi. Oglumyň başyna düşen işe başyny ýaýkap gynandy.
–Gaýgy etme, ony düzederis–diýip, meniň göwnümi galkyndyrdy.
Adamyň ýüreginiň boljak zady öňünden neneň duýup bilýändigine men şonda göz ýetirdim. Dmitriý Iwanowiçiň sözlerine begenip, çaýdan keýpiňi kökläp oturybermelidi welin, nämüçindir, meniň hiç begenesim gelenokdy. Ýüregime daş goýlan, çep tarapym birsyhly agralyp gidip otyrdy. Ýakymsyz duýgyny duýmagyň tolgunmasyndan ýüregim bulanýardy. Eger şü, ýürek diýen zadyň dili bolsady, ol hut bize nämeleriň garaşýanyny gygyrybam aýdyp bererdi.
Her zadam bolsa şatlykly habary buşlap gaýtmak üçin ýene yzyma öýe eňdim. Wraçlar aýalyma etmeli ähli emleri boldum edip, ony-da öýe goýberen ekenler. Hiç bir em aýalyma kömek etmändir. Ol diňe iki elini çalaja hereketlendirip bilýärdi. Şol öňküsi ýaly, geleniň ýüzüne naýynjar nazarlaryny dikip, gözýaş döküp ýatyrdy.
–Basym ogluňy getirýän–diýip, men oňa buşladym hem-de bu gezek çynym bilen ýylgyrdym.
Ol ýene başyny ýaýkady hem, nämüçindir, has beter gözýaş dökdi. Bu gezek onuň näme diýjek bolýanyna düşünmedim.
Kakamyň frontçy dosty hakda gyzlaryma-da gürrüň beremsoň, köne öýümize, kakamyň ýanyna ugradym. Ony hem begendirip gitmekçidim.
Kakam meniň barjagymy duýan ýaly, ýolda dur eken.
–Neneň? Iş bitýämi?–diýip, ol uzak aradan maňa gygyrdy.
Men onuň ýanyna barýançam geplemedim. Soň bolsa Dmitriý Iwanowiçi tapyşymy, onuň diýenlerini aýak üstünde duran

ýerimden gürrüň berdim.
–Bolupdyr. Ol dostlugyny berjaý edipdir–diýip, kakam göwnühoş pyşyrdady.–Barsaň, oňa köp dogaýy salam aýt. Frontçy dostuň senden razy boldy diý. Özüňem ogluňy boşadýançaň, şol ýerde bol. Iki ýana gatnap ýörme!
Men öýe-de girmän, şol ýerden yzyma öwrüldim. Moskwa baryp, öňki myhmanhanamda ýerleşdim. Dmitriý Iwanowiç bilen jaňlaşdym. Ol eýýäm meniň ýurduň ýolbaşçysynyň adyna ýazan arzamy gowşurmaly ýerine gowşurandygyny aýtdy. Indi diňe geljek jogaba garaşyp ýatybermelidi.
Tikeniň üstünde oturan ýaly, bir ýerde karar tapamokdym. Uzakly günümi otagyň içinde eýläk-beýläk ýöräp geçirýärdim. Jenaýatkär Alyýewi gözläp, bu ýerlerde gussa batan günlerimi ýatlaýardym. Bu günki gaýgymyň ýanynda ol günlerki gussam dagy hiç zat eken, hiç zat. Gaýtam ol günler meniň üçin diýseň bagtly günler eken. Ol günlerde meniň ýüregimde ogul hasraty ýokdy. Ogul üçin, perzent üçin hasrat çekilmän ýaşalýan günleriň adamzat üçin iň bagtly günlerdigine men şonda göz ýetiripdim.
Iki hepdäniň içinde Dmitriý Iwanowiç meniň elime döwlet ýolbaşçysyna ýazan arzamy gowşurdy. Arzanyň ýokarsyndaky boş ýerde äpet adamyň poçerki bilen: “Ölüm jezasyny aýyrmaly. Işe täzeden seretmeli” diýen setirler ýazylgydy. Begenjimden aglap-aglap, bir poly ýumruklaýan, bir Dmitriý Iwanowiçi göterip pyrlaýan. Ol:
–Goýber, zaluwat, süňklerimi owradýaň!–diýip gygyrýardy.–Bar, indi arzaň kopiýasyny aldyr-da, birini ogluň saklanýan türmesiniň naçalnigine elt. Birinem Moskwa şäher suduna gowşur!
Men ok bolup atyldym. Arzamyň fotokopiýasyny aldyrdym. Ýolboýy Leonid Iliçi alkyşlaýardym. “Nähili beýik adam. Pesgöwün adam. Meň ýalyny-da diňläýdi” diýýärdim. Ol meniň üçin hut arkamda duran gudratly Taňry ýalydy.
Oglumyň ýanyna boş barmak islemedim. Iýmit dükanlaryndan, bazardan alybilen zatlarymy aldym. Goşa sumkany tereňläp, oglumy saklaýan gözenekli howlynyň gapysyny kakdym.
–Girmek bolmaýa!–diýip, ini-boýy iki garyş ýaly äpişgejikden

sakçy gygyrdy.–Kim gerek?
–Türmäniň naçalnigi–diýip, men jogap berdim.
–Ol ýok. Gyssagly iş bilen gitdi. Ertir geliň.
–Onda, ine, şu arzany-ha türmäniň naçalnigine, bu sumkalary hem Gaýgysyz Öwezow atly bir ýaş ýigit bolmaly, türkmen, şoňa gowşur–diýip, men sakça arzany berip, sumkalary görkezdim.–Özüne-de aýt. Onuň işine täzeden seredýärler. Hana, gör, hut birinjiniň özi gol çekdi!
Arzadaky goly görensoň, sakçy menden sumkalary-da aldy.
–Bärik munça zat getirmek bolmaýar-a, ýaşuly–diýip hüňürdedi.–Indikide kän zatly gelmäň. Ýörite norma bar.
–Daşyndaky oglanlar-da iýer. Şu gezeklikçe al–diýip, men eýýäm gapyny açyp, sumkalary alan sakça ýüzlendim.–Oglumy görüp bolmazmyka?!
–Ýörite duşuşyk bellenmedik bolsa, bolmaz–diýip, sakçy ýigit baş ýaýkady.–Ertir geliň, ähli zady naçalnik bilen çözlüşersiňiz.
Men onuň bilen ylalaşyp gaýtdym. Ertesi daň bilen ol ýere ýene bardym. Sakçy maňa türmäniň naçalniginiň garaşýandygyny habar berdi. Ýüregimi elime alyp, görkezilen gapa bardym.
Ýaşy özüm bilen deňeçerräk, garynlak pyýada meni ör turup, iki elini uzadyp garşylady. Görşemizsoň, oturmaga ýer görkezdi. Bir knopkany basdy. Az salymdan gapydan boýnuny uzadan ýigide:
–Aşgabatly Öwezowa degişli zatlary getiriň!–diýdi.
Ýigit baş atyp çykyp gitdi. Men gürrüň dokument hakda barýandyr öýdüp, arkaýyn otyryn. Salym geçmän, hälki gelen ýigit meniň öňüme erkek oglanyň egin-eşiklerini getirip goýdy. Oglumyň eşiklerini derrew tanadym. Öz äberen çal kostýum-balagym, kebeleklije galstugym, ak zolakly, düşegi gara köýnegim, telpek, köwüş, ählisi şonuňky…
–Bu näme?–diýip, men hiç zada düşünmän, türmäniň naçalnigine seredýärin.
Onuň:
–Ogluňyzyň eşikleri. Siz başga aladalara başagaý bolup, ogluňyzyň birinji suduny sökdürmek üçin degişli instansiýalara ýüz tutmansyňyz. Özüňiz bilýäňiz, on günüň içinde suda hiç hili şikaýat gowuşmasa, höküm ýerine ýetirilýär–diýen sesleri

guýynyň içinden gelýän ýaly, maňa bir eşidilip, bir ýitip gidýärdi.
Gaplaň kimin arlap, ýaka ýyrtyp ýerimden turanymy bilýän:
–Men razy däl! Razy däl! Ýok! Meniň oglum eýýäm bu dünýede ýokmy?! Oglum! Oglumy tapyň!
Ýüregim endiräp gitdi-de, özümem çuňňur guýynyň içine kiçijek daşjagaz mysaly çümüp gidene döndüm…
Keselhanada özüme geldim. Özem Aşgabadyň keselhanasynda. Kim getiripdir, nädip getiripdir, bilemok. Hiç zady bilmesem-de, çynar oglumyň ýoklugy ýadymda.
–Menem öldüriň! Meniň ýaşasym gelenok!–diýip, krowaty ýumruklap gygyrdym…
Şol günden bäri ýaşan günlerimi dirilik hasaplamok. Hernäçe ýaşasym gelmese-de, ölübem bilmedim. Gudraty güýçliniň özi bermese, ömrem, ölümem diläp alyp bolmajak eken…
…Otly tigriniň takyrdysynyň arasynda ýaşulynyň zol-zol sojaýan sesi eşidildi.
–Heý toba!–diýip, onuň gürrüňdeşi bolan daýza uludan dem aldy.–Her hili ykbal bar.–Şeý diýensoň, ol ýaşula göwünlik berdi.–Aglamasaňyz-laň! Ondan bäri näçe ýyl geçipdir. Gaýgyňyzyň üstüne gum ataýarlar…
–Näçe ýyl geçse-de, ol waka meniň üçin hut düýn bolan ýaly–diýip, ýaşuly ýene sojady.–Nowjuwan oglum mydama göz öňümde. Ol misli maňa: “Kaka! Baryna sen günäkär! Meniň ýaşamaly ömrümi sen ýaşap ýörsüň! Seniň çekmeli jezaňy men çekýän!” diýýän ýaly…–Ýaşuly sözüne dyngy berip, mazaly sojap ýüregini gowzatdy. Soň ýene gürrüňini dowam etdi.–Meni moskwaly kärdeşler getiren eken. Oglumyň eşiklerini görensoň, aýalym-a dessine jan beripdir. Onuň bilen hoşlaşybam bilmedim. Men keselhanadan çykýançam, ol bendäniň aýy-da geçen eken. Maňa keselhanadakam hiç hili habar-da aýtmandyrlar.
Şol günler gijelerine düýşüme bigünä ölüme giden Muhammet Meretliýew hem girip, günüme goýmady. Ol maňa bakyp, birsyhly ýylgyrýardy. Hem: “Meniň ýagdaýymy ejem daga aýt, agam” diýýärdi.
Eýsem-de bolsa, öliniň düýşe girmesi nämekä?! Ol tä özüni razy edýänçäň, günüňe-de goýanok. Ylmyň şu zatlary düşündirmeýänine

men diýseň gynanýan.
Bimahal elden giden oglu sebäpli seňselän ýaly bolup, işdenem çykdym. Indi güýmenjäm ýokdy. Köne öýümize gelip, Muhammet Meretliýewiň pasportyny gizläp goýan ýerimden aldym-da, onuň adresine tarap ýola düşdüm. Gözleýän öýümi-de tapdym. Bardym. Horaşaja. Palçykdan gurlan jaý gulply durdy. Meni görüp, orta ýaşlaryndaky goňşy aýal ýanyma geldi.
—Olar-a ýok, toýa gitdiler—diýdi.
—Toý bolsa bolýa-la—diýip hüňürdedim. Hem olaryň ýoklugyna begendim. Şum habary ýigidiň ejesiniň eşidişini synlabam bilmejegimi şu pursat, bu ýere gelemsoň duýdum. Öz aýalymyň bolup ýatyşy ýadyma düşdi. Men goňşy aýala ýigidiň pasportyny gowşuryp, onuň ýogalandygyny aýtdym. Gepimiň soňuny ýalana ýazdyrdym. “Toýdan gelýärkä, awariýa düşüpdir. Ony gören adam köp wagtlap ýaramansoň, habar wagtynda ýetirilmedi” diýdim.
Goňşy aýal ýylan gören ýaly içini çekip, ýakasyny tutdy:
—Ýog-eý, men-ä bu habary kempire-de, onuň gelnine-de aýdyp biljek däl. Olaryň ikisem ýüregi ýarylyp öler. Olar ýigit başga bir aýalyş yşkyna düşüp, özlerini taşlap gidendir öýdüp, ahyr geler diýip, umyt bilen garaşyp otyrlar. Ölüm habary olary ýykar. Nämä gerek adamlaryň ömrüne zyýan salmak?! Onsoňam, Muhammet janyň yzynda ýekeje ogul galypdy. Ol häzir student. Bir şumluk bolsa, ol çagany kim eklär?!
Men gelin bilen ylalaşmadym:
—Hakykaty ahyr bilmeli bolar-a.
Gelin maňa ýene ýeň bermedi:
—Eger ol hakykat adamyň ömrüne howp saljak bolsa, bilinmese-de bor. Goý, ene ogly ýeriň ýüzünde diri gezip ýörendir öýdüp, oňa garaşyp ýaşasyn ýörsün! Men bu pasporty mazalyja bukaryn-da, enäniň ýaşamaly müddeti dolan pursadynda gowşuraryn oňa. Hem şonda hakykaty aýdaryn.
—Öleniň aş-suwam-a berilmelidir—diýdim.
Gelin gepe çeper eken. Ol:
—Goý, ene ogluň aş-suwuny bermesinem—diýdi.—Öý bolansoň, ogly berer. Kakasynyň aş-suwuny bermek ogla parzdyr.
Men bu çylşyrymly meseläni çözmegi gelne goýup, yzyma dolandym. Hemmeler menden akyllydy, hemmeler menden rehimlidi.

Il ölüm habaryny aýtmaga-da ýürek edenok. Men bolsam, biriniň başyna ölüm belasyny salmaga-da het etdim. “Men doňýürek. Haramzada” diýip, ýolboýy samrap, öz-özüme käýinip barýan.
Wokzala ýetip, dynç almaga oturdym. Heniz otlynyň gelerine wagt kändi. Otly gelmänkä, bilet hem satylmaýar. Men çeträkdäki skameýkalaryň birinde çöküp, çilim otlandym. Çilimimi kükedip, ýere bakyp otyryn. Bir ädikli aýak gabadymda eýläk-beýläk gatnaýar. Üns bermedim. Soň ol hut alkymyma dykylyp geldi-de, ot sorady:
–Ýaşuly, oduňdan alaýyn-la!
Tanyş ses. “Bu sesi nirede eşitdimkäm?” diýip, hakydama getirjek bolýaryn. Ýatlap bilmedim. Ýöne öň eşidip gören sesimdigine welin, öz-özümi ynandyrýaryn. Ýüzüni çilime ýakynlaşdyryp, ot aljak bolýan ýüze gözüm düşende, elimdäki çilimi nädip zyňyp goýberenimi bilmändirin! Meniň garşymda tutup bilmän, sypdyran jenaýatkärim Alyýew durdy. Ýyllar geçse-de, onuň keşbi üýtgemändir. Diňe alyn dişlerinden birki sanysy gaçypdyr.
Men syçrap ýerimden turdum-da, onuň ýakasyndan ebşitläp tutdum. Çirkin gygyrdym:
–Alyýew! Haramzada! Sen nirede bolduň?! Sen sebäpli iki sany dag ýaly ýigit ölüp gitdi!
–Ýakany goýber!–diýip, Alyýew maňa imisalalyk bilen ýüzlendi. Çilimini bir gezek tüsseledip sordy-da, nakys güldi.–Men sebäpli diňe iki ýigit däl, köp ýigitler ölýär.
Men onuň ýakasyny goýberdim.
–Haramzada sen, Alyýew!–diýip, birsyhly gygyrdym. Soň oglumy ýatlap agladym.–Sen sebäpli men öz oglumdan-da aýryldym.
Alyýew eniň gapdalymda çökdi. Elini egnime patladyp goýdy. Oglum hakdaky gürrüňlere ünsem bermedi.
–Meniň haramzadalygym çyn, graždanin naçalnik. Men näme edeýin, haramzada bolup dünýä inipdirin-dä–diýdi.–Haramzadalygymy boýun hem alýan. Ine, sen welin hapa hem züwwetdin, üstesine-de, iş oňarmaýan adam. Ýöne şonda-da sen özüň şeýle adamlygyňy boýun alman, il ugruna işlän kişi bolup, düwdenekläp ýörsüň. Eger meniň elimden iş gelýän bolsady, seniň kimin nalajedeýinler milisiýa burnuny

sokan halaty onuň tumşugyny owradyp goýbererdim. Sen öz işine ysnat getirýän adamlaryň hilinden!
–Geplejek gepiňi bil!–diýip, men titredim.–Men öz etjek işimi bilýändirin!
–Men geplejek gepimi bilýän, ine, sen welin öz etjek işiňi bileňok–diýip, Alyýew meniň döşüme barmagyny dürtüp goýberdi.–Eger sen işiňi bilen bolsaň, bigünä ýigidi ölüme ibertmezdiň!
–Sen ony nireden bilýäň?!–diýip, men Alyýewe gözlerimi tegeläp seretdim.
–Ony bilmeýän barmy!–diýip, meniň ýüregimde bukup ýören syrymy açdy goýaýdy.–Seniň ol ýigidi gözläp, bütin SSSR-iň territoriýasyny sökeniňem bilýän. Ony nireden tutup alyp gaýdanyňam bilýän.
–Ony däl, seni gözledim!–diýip, men ýene gaharly titredim.
–Meni gözläp uzaga gitmek nämä gerekdi?! Öz naçalnigiň öýüne baraýmalydyň–diýip, Alyýew ýyrşardy.
Men gulaklarymyň eşidýän zatlaryna ynanmajak boldum. Öwelip galypdyryn.
–Jebir çeken Gandym aganyň garawullyk edýän dükanynyň müdirini tanaýamydyň?–diýip, Alyýew maňa ýüzlendi.
Meniň kelläm güwläp gitdi. Ukudan oýanan ýaly boldum. Dükan müdiri biziň naçalnigimiziň doganydy.
–Dükan müdiri dükanyň zatlaryny oňa-muňa ýaýradýa. Gandym aga bolsa arassa adamdy, pahyr, muňa ýol bermejek bolýa. Işden çykarjak bolsalar, arz edýär. Arza barlanyp ugraýar. Eger Gandym aga şaýat bolsa, köp zadyň üsti açyljakdy. Onsoň näme, hakymy töläp, menden ony gyraklatmagy haýyş etdiler. Eger şol wagt meni milisiýa tutmasa, onda Gandym aganyň ölümi üçin dükan müdirine göwün garaldyljakdy. Men bolsam, hamala, garawuly öldürip, zat almaga baran ogry hökmünde ele salyndym. Birki top mata bilen ele düşdüm.
–Soň sen nädip gaçdyň, nädip?–diýip, men ýene Alyýewiň üstüne gygyrdym.
Alyýew it ýylgyrşyny edip, meniň üstümden güldi:
–Pöwhe. Henizem iş öwrenmändir. Şoňa şu wagtam kelläň işlänokmy seniň?! Biri hemaýat edäýmese, şol gapylardan çykyp

boljakmy?! Men kime kömek eden bolsam, şol hem maňa kömek etdi. Ýöne doganynyň üsti bilen.
Bu eşidýän zatlaryma gözlerim hanasyndan çykyp barýardy.
–Naçalnik! Men ony öldirin!–diýip düwledim. Ýerimden turup, ellerimi galgatdym.
Alyýew ýene loh-lohlap güldi:
–Sen ony öldürjek bolup oturma! Ol pahyryň özi birmahal ýogaldy.
Men ýerimde oturyp, kellämi tutdum.
–Ol meniň bigünä ýigidi basdyryp goýberenimi bilýämidi?–dýip pyşyrdadym.
Alyýew:
–Hawa, bilýädi. Özi meni öýünde bukup, saklap otyrka, bilmezmi eýsem!–diýdi. Soň ýene loh-lohlap güldi.–Ol seniň meniň eden günämi biriniň boýnuna goýşuňa hezil edip guwanýardy. Seni ýagdaýdan çykalga tapanyň üçin ösdüripdi-dä!
–Bigünä ýigit gitdi ahyry! Ol näme üçin oňa kömege ylgamadyka?!–diýip, men birsyhly maňlaýyma urdum.
Her kim ilki bilen özüniňkä kömege ylgaýa–diýip, Alyýew çekilip gutarylan çilimiň düýbüni pitikläp goýberdi.–Onsoňam, eger seniň naçalnigiň ol ýigide kömege ylgan bolsa, meniň ýerime seniň özüň gitmelidiň-ä. Onam sen islemediň!
–Näme üçin men ýa başga biri?! Öz ýeriňe seniň özüň gitmeli däl?!–diýip, men saçlarymy penjeledim.
Alyýew gepini rahat dowam etdi:
–Men özümi gorap bildim. Men güýçli çykdym. Senem özüňi goradyň. Meniň ýerime giden ýigit bolsa, ejiz geldi. Durmuşyň kanuny şeýle. Diňe güýçlüler ýaşaýa. Ejizler aw bolýandyr.
–Seniň gepleriňe men dälirejek bolýan, Alyýew! Bes et–diýip gygyrdym.–Men bu bolýan zatlara akyl ýetirip bilemok!
–Dünýäniň özi däli–diýip, Alyýew ýene güldi.–Magtymguly şahyr hem aýdýar-a: “Däli dünýe, heý!” diýip. Sen dagy nämejik! Öz işini düşünmeýän pöwhe. “men-men diýen akyldarlaram bu dünýäniň oýunlaryna düşünip bilmän gidipdirler-ä! Iň erbedem munda akylly bolup ýaşamak kyndyr!
-Sen jenaýatkär däl-de, akyldar ýaly gepleýäň, Alyýew!–diýip, men onuň diýýänlerine haýran galýaryn.

—Jenaýatkär bolmak üçinem akylyň bolmaly-da!—diýip, Alyýew nakys ýylgyrýar.—Ýogsa sen ýalylar bir bökende tapmaýamy bizi?!
Oguljygymyň ölümini ýatlap haýykýaryn.
—Sizi Hudaý tutmaýamy, Alyýew? Edýän günäleriňiz üçin?! Özüňizem şeýle köp! Hut kömelek ýaly köpelýäňiz…
—Jenaýatkär bolup dogulmagyň özi Hudaýyň tutdugy dälmi eýsem?!—diýip, Alyýew gülmesini goýup, gözlerini bir nokada dikdi.—Ömür gaçyp ýörmeli…
—Düzeläýseň bolmaýamy?
—Şu durmuşa öwrenişipdiris. Siziň kimin birine bakna bolup, hasabat berip ýaşap bilmeris biz. Onsoňam, ähli jenaýatkärler özünden bilip düzeliberse, size işem galmaz.—Alyýew gitmek üçin ýerinden galdy.—Sag bol, graždanin naçalnik. Seň başyňa düşen işlere-de men günäkär däl-de, seniň özüň günäkär. Men öz etmeli işimi etdim. Öz ykbalyňy özüň bulaşdyrdyň. Gepiň küle ýeri, bu zatlaryň bary ykbaldyr. Biziň barymyz ýazgytdakyny görýändiris. Bolan işlere gynanyp ýörme.
Men ony saklajak boldum:
—Dur, gitme! Men seni milisiýa bölümine tabşyrmaly!
Ol loh-lohlap güldi-de:
—Gandym aganyň gününi başyňa salmankam, öýjagazyňa git—diýdi.—Sen meni juwan ýaşyňdakaň tutup bildiňmi, häzir tutara?!
Ol sykylyk atyp, perrondaky mähelläniň içine siňip gitdi…
…Ýaşuly gürrüňini gutaransoň, içerde ümsümlik höküm sürdi. Hiç kimden ses çykanokdy. Otly badyny saklady. Prowodnigiň:
—Änew! Kim düşmeli bolsa, Änewe gelnendir!-diýip gygyrýan sesi eşidilýärdi.
—Ýörüň, bizem şu ýerde düşeliň-de, ýene yzymyza müneliň. Uruş hem gerek däl, dawa-da. Her kim pälinden tapsyn!—diýip, daýza ogullaryna ýüzlendi.
Ogullar ejeleri bilen razylaşyp, çykmak bilen boldular. Ýaşuly bilen hoşlaşdylar.
Düşjekler düşüp, münjekler münensoň, otly ýene tigirlenip ugrady. Ýaşulynyň käte bir sojaýan sesi eşidilip gidýärdi.
Basym Aşgabadam geldi. Otludan düşen çagymyz jahan ýagtylyp,

awtobuslar ýöräp ugrapdy. Ýaşuly awtobus duralgasyndan ters tarapa ugrady. Men ol duralgany bilemýändir öýdüp:
–Daýy, awtobus beýlede durýar–diýip gygyrdym.
–Men pyýada ýöreýän, gyzym, awtobusa ýüregim syganok–diýip, ýaşuly jogap berdi.–Otla-da halys zerur bolansoň münäýdim.
Ol pyýadalap, ilerligine ugrady. Biz awtobus bilen ony ýetip geçdik. Şonda onuň büküljiräp barşy meniň gözüme bu dünýäniň çözüp bolmaýan sowallaryna goýlan sorag belgisi ýaly bolup göründi…

Hekaýanyň özeninde bolan waka bar.

1998 ýyl

Ogulsenem TAŇŇYÝEWA. Powestler